TÜRKMENISTANYŇ STATISTIKA BARADAKY DÖWLET KOMITETI

# ÖNÜMÇILIK KUWWATLYKLARYNYŇ BALANSYNY DÜZMEK BOÝUNÇA GÖRKEZMELER

AŞGABAT – 2019

**TÜRKMENISTANYŇ STATISTIKA BARADAKY DÖWLET KOMITETI**

**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2019-njy ýylyň 21-nji noýabryndaky №127 buýrugy bilen tassyklanyldy**

# ÖNÜMÇILIK KUWWATLYKLARYNYŇ BALANSYNY DÜZMEK BOÝUNÇA GÖRKEZMELER

**AŞGABAT – 2019**

## MAZMUNY


1. Umumy düzgünler ............................................................... 4
2. № 1-kb formanyň görkezijileriniň doldurylyşy .................... 6
3. Önümleriň aýratyn görnüşleri boýunça önümçilik kuwwatlyklarynyň balansyny düzmekligiň aýratynlyklary ... 11
4. Hereket edýän kärhanalaryň (önümçilikleriň) önümçilik kuwwatlyklarynyň hasaplamasy ........................................... 12

## 1. Umumy düzgünler

1. Önümçilik kuwwatlygynyň hasabat balansy önümi öndürmek boýunça kuwwatlygyň ululygyny, onuň üýtgemeginiň sebäplerini we hasabat ýylynda ulanylyşynyň derejesini häsiýetlendirýär. Kärhananyň *önümçilik kuwwatlygy* diýip oňa berkidilen iş serişdeleriniň (maşynlaryň, enjamlaryň, agregatlaryň, desgalaryň we önümçilik meýdanlarynyň tehnologiki köpçüligi) bellenilen önümçiligi ýöriteleşdirmeklik we işiň düzgünine laýyklykda önümiň has köp çykarylyşyna, çig malyň bir ýylda (bir gije-gündüzde, çalşykda) gazylyp alnyşyna ýa-da gaýtadan işlenilişine ukyplylygyna düşünilýär. Kärhananyň önümçilik kuwwatlygy *pudaklaýyn gollanmalara* laýyklykda önümçilik kuwwatlyklarynyň hasaplamasy boýunça kesgitlenilýär.

2. Döwlet statistika edaralary tarapyndan önümçilik kuwwatlygynyň balansynyň hasaby döwlet hasabatynyň № 1-kb «Önümçilik kuwwatlygynyň balansy» formasy boýunça ýöredilýär. Kärhanalar we hususy telekeçiler önümçilik kuwwatlygynyň balansyny № 1-kb formasynda görkezilen salgylara we möhletde olaryň hakyky ýerleşýän ýerleri boýunça tabşyrýarlar.

3. № 1-kb forma boýunça hasabat her ýyl eýeçiligiň ähli görnüşindäki senagat kärhanalary; alyjylar jemgyýeti ulgamynyň senagat kärhanalary (önümçilikleri); balansynda senagat kärhanalary (önümçilikleri) bolan senagat däl kärhanalar; senagat işlerini amala aşyrýan oba hojalyk paýdarlar jemgyýetleri we daýhan birleşikleri, şeýle hem hususy telekeçiler tarapyndan tabşyrylýar.

4. № 1-kb forma boýunça jemleýji hasabatlar birleşigiň düzümine girmeýän, özbaşdak balansda durýan önümçilik birleşmeleri we kärhanalary tarapyndan tabşyrylýar. Haçan-da önümçilik birleşiginiň düzümine özbaşdak balansda durýan kärhanalar girýän ýagdaýynda, birleşik boýunça maglymatlardan soň şol kärhanalar boýunça hem maglumatlar getirilýär.

5. Ministrlikleriň we pudak edaralarynyň balansynda durýan kärhanalar we guramalar № 1-kb forma boýunça önümçilik kuwwatlyklarynyň balansynyň jemleýji maglumatlary bilen bir wagtda ýokardaky guramasyna düşündiriş hatyny we önümçilik kuwwatlyklarynyň hasaplamasyny, sebitleýin statistika edarasyna bolsa – düşündiriş hatyny iberýär.

Düşündiriş hatynda önümçilik kuwwatlygynyň ýagdaýynyň we ulanylyşynyň seljermesi berilýär, balansyň hemme maddalary boýunça kuwwatlyklaryň köpelmeginiň ýa-da peselmeginiň sebäpleri görkezilýär. Önümçilik kuwwatlyklary doly ulanylmadyk ýagdaýynda, olaryň kanagatlanarsyz işledilmeginiň sebäpleri görkezilýär.

6. Ministrlikler we pudak edaralary özleriniň garamagyndaky kärhanalar boýunça önümçilik kuwwatlygynyň balanslaryny seredýärler we tassyklaýarlar, № 1-kb forma boýunça önümçilik kuwwatlygynyň jemleýji balansyny düzýärler we düşündiriş haty bilen birlikde Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň salgysyna hasabat ýylyndan soň 15-nji martdan gijä galman tabşyrýarlar.

7. Kärhananyň we sehiň önüm çykarmak boýunça önümçilik kuwwatlyklarynyň peselmegi (çykmagy) № 1-kb forma boýunça hasabat bilen bilelikde döwlet statistika edarasyna tabşyrylýan düşündiriş hatynda beýan edilen gerek bolan hasaplamalara we sebäplere esaslanýar. Önümçilik kuwwatlyklarynyň peselişine seredilmegi ministrlikler we pudak edaralary bilen hasabat ýylyndan soň 15-nji fewrala çenli geçirilýär.

8. Kärhananyň önümçilik kuwwatlygynyň hasaplamasyna tehnologiki taýdan hökman gerek bolan ätiýaçda saklanýan enjamlardan, synag-tejribe önümçilikleriniň enjamlaryndan we diňe bir-iki tejribe görnüşleriniň taýýarlanyşyny amala aşyrylýan meýdançalardan, hünär-tehniki okuw üçin ýöriteleşdirilen meýdançadan başga esasy önümçiligiň hemme enjamlary goşulýar.

Döwülenligi, abatlaýyş işleri geçirilenligi, durkuny täzelemeklik, doly ýüklenmezlik sebäpli wagtlaýyn hereket etmedik esasy önümçiligiň enjamlary önümçilik kuwwatlygy hasaplananda hasaba alynýar.

Kömekçi sehlerde we meýdançalarda dikeldilen esasy sehleriň enjamlaryna meňzeş enjamlar kärhananyň kuwwatlygynyň hasabyna goşulmaly.

Kärendesine alnan (gysga wagtlaýyn ýa-da uzak wagtlaýyn) emlägiň barlygy we ulanylyşy barada maglumatlar bu emlägiň kärhana-kärendeçisiniň hasabatyna goşulýar.

9. Synag (tejribe) zawodlary, sehleri, meýdançalary we desgalary boýunça önümçilik kuwwatlygynyň balansyny düzmekligiň hökmanylygy hakyndaky sorag aýratyn ýagdaýlarda ministrlikler (pudak edaralary) tarapyndan çözülýär. Eger kuwwatlygyň hasaby edilmeýän

bolsa, onda önümçilik kuwwatlygynyň balansynda diňe hakyky öndürilen önüm görkezilýär.

10. Kärhananyň önümçilik kuwwatlygynyň balansy düzülende önümçilik kuwwatlygynyň ululygyna täsir edýän hemme şertler boýunça kuwwatlygyň üýtgemeginiň hasaby amala aşyrylýar.

11. Köpsanawly önümçilik şertlerinde, haçan-da şol bir enjamda önümiň köp görnüşleri öndürilýän ýagdaýynda, önümçilik kuwwatlygy kesgitlenende köpsanawly harytlary maşyn wagtynyň çykdaýjy koeffisiýentlerini, şeýle hem pudagyň özboluşly aýratynlygyny görkezýän beýleki görkezijileri ulanyp, birlik hökmünde kabul edilýän bir ýa-da birmeňzeş önümleriň birnäçe görnüşlerine deň getirmek usulyny ulanmaga rugsat edilýär. Şonda şu ýagdaýlardan ugur almak hökman:

– önüm-wekillerine (esasy markalara) deň getirmeklik önümleriň birmeňzeşliginiň konstruktiw-tehnologiýasynda mümkin;

– önümler diňe özleşdirilen tehnologiýa bilen deňeşdirilýär;

– deň getirilýän önümiň zähmeti köp talap edijiliginiň düzümi (işleriň aýratyn görnüşleri boýunça zähmeti köp talap edijilige göterimdäki gatnaşyk) önüm-wekiliniň zähmeti köp talap edijiliginiň düzümine golaý bolmagy hökman;

– önüm-wekiliniň önümiň bu toparynyň çykarylyşynda has uly paýy bolmaly.

12. Eger kuwwatlygyň ugry üýtgän ýagdaýynda, ýagny ilkibaşda önümiň belli bir görnüşini çykarmaga niýetlenen kuwwatlykda başga bir önüm çykarylýan bolsa, onda önümçilik kuwwatlygyny gaýtadan hasaplamak hökman. Ugrunyň üýtgemeginiň netijesinde kuwwatlygy täzeden hasaplamak düzgüni önümçilik kuwwatlygyny hasaplamak boýunça *pudaklaýyn gollanmalarda* görkezilýär.

## 2. № 1-kb formanyň görkezijileriniň doldurylyşy

13. «A» sütünde hasabat ýylynda öndürilen önümleriň görnüşleriniň atlary görkezilýär. «B» sütünde önümiň ölçeg birligi görkezilýär. «Ç» sütünde setiriň degişli belgisi görkezilýär: 01, 02, 03 ýa-da 04.

14. **01 setirde** hasabat ýylynyň önüminiň hakyky sanawynda we köpdürliliginde kuwwatlyklaryň barlygy, hereketi we ulanylyşy we düzgünleýin wagtda bu kuwwatlyklarda önümiň öndürilişi barada maglumatlar getirilýär.

15. 1-nji sütünde hasabat ýylynyň başyna geçen ýylyň № 1-kb formanyň 10 sütüninden geçirilýän kuwwatlyk görkezilýär. Hasabat balansynyň 1 sütünindäki maglumatlaryň we geçen ýylyň kuwwatlyk balansynyň 10 sütünindäki maglumatlaryň deň gelmezlik ýagdaýlary hasabata goşulýan düşündiriş hatynda düşündirilmelidir.

Hasabat ýylyndan öň kuwwatlyklary özleşdirmek derejesinde bolan ulanylmaga berlen kärhanalar (önümçilikler) we desgalar boýunça 1 sütünde olaryň taslama kuwwatlyklary görkezilýär.

Kärhana (önümçilik) tarapyndan öndürilýän önümiň sanawy we köpdürlüligi taslamadan has tapawutlanýan ýagdaýynda, kuwwatlygy kesgitlemek üýtgän sanaw boýunça geçirilýär.

Hasabat ýylynda ulanylmaga berlen kärhanalar, desgalar boýunça 1 sütün doldurylmaýar, ulanylmaga berlen taslama kuwwatlyk bolsa degişlilikde 2 we 3 sütünlerde görkezilýär.

16. 2-9 sütünlerde hasabat ýylynda önümçilik kuwwatlygynyň üýtgemegi görkezilýär. 2-6 sütünlerde önümiň aýratyn görnüşi boýunça kuwwatlygyň artyşynyň ululygy, 7–9 sütünlerde bolsa – öň öndürilýän önüm boýunça kuwwatlygyň peselişiniň ululygy görkezilýär.

Balansda hasabat ýylynda önümçilik kuwwatlygynyň ýokarlanmagy şularyň netijesinde hasaba alynýar:

– täze gurluşygyň we hereket edýän kärhanalaryň giňeldilmeginiň hasabyna önümçilik kuwwatlygynyň ulanylmaga berlişi;

– hereket edýän kärhanalaryň durkuny täzelemegiň hasabyna önümçilik kuwwatlygynyň artyşy;

– hereket edýän kärhanalaryň täzeden tehniki taýdan enjamlaşdyrylyşynyň we guramaçylyk-tehniki çäreleriň geçirilmeginiň hasabyna önümçilik kuwwatlygynyň artyşy;

– önümiň sanawynyň we köpdürlüliginiň üýtgemegi (önümiň zähmeti köp talap edijiliginiň peselmegi);

– desgalaryň, maşynlaryň, enjamlaryň beýleki kärhanalardan we guramalardan gelmegi.

Önümçilik kuwwatlygynyň balansynda hasabat ýylynda onuň peselmegi şularyň hasabyna hasaba alynýar:

– enjamyň könelmeginiň netijesinde çykmagy, peýdaly gazylyp alynýan gorlaryň we çig mal ätiýaçlyklarynyň gutarmagy, dag-geologiki ýagdaýlaryň peselmegi, çig malyň beýleki görnüşlerine geçilmegi,

desgalaryň, maşynlaryň, enjamlaryň beýleki kärhanalara we guramalara bellenilen tertipde berilmegi, tebigy heläkçilik we beýleki sebäpler;

– önümiň sanawynyň we köpdürlüliginiň üýtgemegi (önümiň zähmeti köp talap edijiliginiň ýokarlanmagy).

17. 2 sütünde hasabat ýylynda kuwwatlygyň umumy köpelişi barada maglumatlar getirilýär, olar 3–6 sütünleriň maglumatlarynyň jemine deň gelmeli.

3-5 sütünlerde täze gurluşyklaryň, hereket edýän kärhanalaryň giňeldilmeginiň, durkuny täzelemekligiň, tehniki taýdan enjamlaşdyrylmagynyň, guramaçylyk-tehniki çäreleriň geçirilmeginiň hasabyna önümçilik kuwwatlygynyň artyşy görkezilýär.

*Kärhananyň tehniki taýdan enjamlaşdyrylmagy we guramaçylyk-tehniki çäreleriň geçirilmegi* diýip işleriň şu görnüşlerine düşünilýär:

– zähmet gurallarynyň kämilleşdirilmegi (könelen we fiziki taýdan sandan çykan enjamlaryň täze, has öndürijilikli enjamlar bilen çalşylmagy we döwrebaplaşdyrylmagy, hereket edýän önümçilik meýdanlarynda goşmaça täze enjamlaryň dikeldilmegi);

– zähmet gurallarynyň kämilleşdirilmegi (öndürilýän önümiň hiliniň ýa-da çig malyň, materiallaryň düzümleriniň we olary öndürmek üçin ýangyjyň gowulanmagy);

– tehnologiki önümçiligiň kämilleşdirilmegi (hereket edýän tehnologiki önümçiligiň parametrleriniň, şol sanda has ýokary tizlikleriň, ýokary güýçli togyň, basyşlaryň, temperaturalaryň we beýlekileriň ulanylmagynyň hasabyna gowulanmagy);

– önümçilik işleriniň mehanizmleşdirilmegi we awtomatizasiýalaşdyrylmagy;

– önümçiligiň guralyşynyň we dolandyrylyşynyň kämilleşdirilmegi (birleşigiň giňeldilmegi, ýöriteleşdirmekligiň derejesiniň ýokarlandyrylmagy, tehnologiki enjamlaryň işleriniň tapgyrynyň köpeldilmegi, umumy zawod hojalygynyň işleriniň gowulandyrylmagy we beýleki çäreler).

Görkezilen kuwwatlyklaryň ulanylmaga berlişi barada maglumatlar diňe ony ulanmaga berlendigi barada bellenilen düzgün boýunça resmileşdirilen desgalar boýunça getirilýär. Ulanylmaga berlen kuwwatlyklaryň kabul edilişi barada delilnamanyň bellenilen düzgün boýunça tassyklanylmadyk ýagdaýynda, bu kuwwatlyklar we önümiň çykarylyşy barada maglumatlar 01-nji setirdäki jeme goşulmaýar, **04-nji setir** boýunça 2, 3 we 12 sütünlerde herekete girizilmegi baradaky

delilnamalary entek tassyklanmadyk kuwwatlyklar baradaky maglumatlar aýratyn getirilýär. Bu maglumatlar ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň jemleýji balanslarynda hem aýratyn setir bilen görkezilýär.

18. 6 we 8 sütünlerde degişlilikde çykarylýan önümiň sanawynyň (köpdürliliginiň) (zähmeti köp talap edijiligiň peselmegi ýa-da ýokarlanmagy) üýtgemegi netijesinde önümçilik kuwwatlyklarynyň peselmegi ýa-da ýokarlanmagy barada maglumatlar getirilýär.

Önümçilik kuwwatlygynyň hasaplamasyna alnan hasabat ýylynyň önüminiň sanawy geçen ýylda çykarylan önümiň sanawyndan has tapawutlanýan ýagdaýynda önümiň sanawynyň (köpdürliliginiň) üýtgemegi netijesinde kuwwatlygyň ýokarlanmagynyň (peselmeginiň) hasaplamasy amala aşyrylýar.

Önümiň sanawynyň üýtgemegi bilen baglylykda kärhananyň önümçilik kuwwatlygynyň ýokarlanmagy ýa-da peselmegi kesgitlenende täze önümleriň zähmeti köp talap edijiligi tehniki ýa-da taslama möçberleriniň hasaplamalarynda kabul edilýär. Zähmeti köp talap edijiligi wagtlaýyn ýokarlandyrmak kärhanada täze önümleri özleşdirmeklik bilen baglylykdaky möçberler bilen deňeşdirilende önümçilik kuwwatlygynyň hasaplamasynda hasaba alynmaýar.

19. 7 sütünde önümçilik kuwwatlyklarynyň umumy peselmegi barada maglumatlar görkezilýär, olar 8 we 9 sütünleriň maglumatlarynyň jemine deň gelmeli.

20. 9 sütünde enjamyň çagşamagy, peýdaly gazylyp alnan ätiýaçlyklaryň we çig mal serişdeleriniň gutarmagy, dag-geologiki ýagdaýlarynyň peselmegi, çig malyň beýleki görnüşlerine geçilmegi, jaýlaryň we desgalaryň çagşamagy, tebigy heläkçilik netijesinde önümçilik kuwwatlyklarynyň çykany barada maglumatlar görkezilýär.

21. 10 sütünde kärhananyň hasabat ýylyndan soň 1-nji ýanwar ýagdaýyna hasabat ýylynyň önüminiň hakyky sanawda we köpdürlülikde çykarylyşy boýunça önümçilik kuwwatlyklarynyň ululygy görkezilýär. 10 sütüniň maglumatlary 1 we 2 sütünleriň jeminden 7 sütüni aýyrmak arkaly alnan maglumata deň gelmeli.

22. 11 sütünde hasabat ýylynda hereket eden ortaça ýyllyk kuwwatlyklaryň ululygy getirilýär, ol ýylyň başyna kuwwatlygyň ululygyny we onuň ortaça ýyllyk ösüşiniň ululygyny goşup, onuň ortaça ýyllyk peselmeginiň ululygyny aýryp kesgitlenilýär.

Täze kärhanalaryň (önümçilikleriň) işe girizilmeginiň, hereket edýän kärhanalaryň (önümçilikleriň) giňeldilmeginiň, durkunyň täzelenmeginiň, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrylmagyň we guramaçylyk-tehniki çäreleriniň geçirilmeginiň, enjamlary kärendä almaklygyň, beýleki faktorlaryň hasabyna kuwwatlygyň ortaça ýyllyk ösüşi her sanalyp geçilen faktorlaryň hasabyna kuwwatlygyň artan ululygyny kuwwatlygyň hasabat ýylynyň ahyryna çenli hereket eden doly aýlaryň sanyna köpeltmek hem-de netijäni 12-ä bölmek bilen hasaplanylýar.

Kuwwatlygyň könelmeginiň netijesinde hatardan çykmaklygyň, gorlaryň doly peýdalanylmagynyň, olaryň kärendä berilmeginiň, beýleki faktorlaryň hasabyna kuwwatlygyň ortaça ýyllyk peselişi her sanalyp geçilen faktorlaryň hasabyna kuwwatlygyň azalan ululygyny hatardan çykýan kuwwatlygyň hatardan çykan wagtyndan başlap hasabat ýylynyň ahyryna çenli galan doly aýlaryň sanyna köpeltmek hem-de netijäni 12-ä bölmek bilen hasaplanylýar.

Ortaça ýyllyk kuwwatlyk hasaplananda önümiň sanawynyň üýtgemeginiň hasabyna (zähmeti köp talap edijiligiň peselmegi ýa-da ýokarlanmagy) kuwwatlygyň möçberiniň köpelmegi (azalmagy) doly möçberde hasaba alynýar.

23. 12 sütünde hasabat ýylynda önümiň çykarylyşy, çig malyň gazylyp alnyşy ýa-da gaýtadan işlenişi barada maglumatlar getirilýär.

24. **02-nji setiriň** 12 sütüninde düzgünleşdirilmedik wagtda (enjamyň bu görnüşi üçin kärhanada kadalaşdyrylan işiň düzgüninden artyk iş wagty iki (bir) çalşyklaýyn kadalaşdyrylan iş düzgüninde üçünji (ikinji) çalşykdaky işler, dynç alyş günlerindäki işler, ony düýpli abatlaşdyrmaklyk üçin wagtyň kemelmeginiň hasabyna enjamyň iş wagtynyň ýokarlanmagy, ony göýberiş-düzediş iş döwürlerinde enjamy ulanmaklyk we ş.m.) önümiň hakyky çykarylyşy getirilýär.

25. **03-nji setirde** ýöriteleşdirilmedik kuwwatlyklarda (wagtlaýyn meýdançalarda, tejribe zawodlarynda (meýdançalarda), eger olar üçin kuwwatlygyň hasaby edilmedik bolsa, şeýle hem eger kärhananyň önümçilik kuwwatlyklary bir önümiň çykarylyşy üçin ýöriteleşdirilen, ýöne ýylyň dowamynda önümiň kuwwatlyk hasabynda kabul edilen meňzeş däl beýleki önümi çykarmak üçin ulanylan ýagdaýynda önümiň hakyky çykarylyşy görkezilýär.

26. 12 sütüniň 01, 02, 03 we 04-nji setirleriniň hasabat ýyly boýunça maglumatlarynyň jemi ýyllyk hasabatlaryň №№ 1-ö, 2-ö,

3-ö, 4-ö formalary boýunça kärhananyň degişli önümleriniň önümçiligi barada maglumatlaryna deň gelmelidir.

27. 13 sütünde hasabat ýylynda *ortaça ýyllyk kuwwatlygynyň ulanylyşynyň koeffisiýenti* göterimde görkezilýär, ol hakyky çykarylan önümiň (çig malyň gazylyp alnyşy we gaýtadan işlenilişi) (01-nji setir boýunça 12 sütün) hasabat ýylynda hereket eden ortaça ýyllyk kuwwatlygyň ululygyna (01-nji setir boýunça 11 sütün) gatnaşygy ýaly kesgitlenilýär.

**Ortaça ýyllyk kuwwatlygynyň ulanylyşynyň derejesi 100%-den ýokary geçmeli däl.**

28. «Maglumat üçin» bellikde önümiň her görnüşi boýunça kuwwatlygy hasaplamak üçin kabul edilen iş düzgüni getirilýär.

## 3. Önümleriň aýratyn görnüşleri boýunça önümçilik kuwwatlyklarynyň balansyny düzmekligiň aýratynlyklary

29. Gurluşyk materiallarynyň önümçiligi boýunça önümçilik kuwwatlyklarynyň balansy olaryň edara garaşlylygyna garamazdan, öz balansynda durýan we gurluşyk guramalarynyň we kärhanalarynyň balansynda durýan hemme kärhanalar tarapyndan, şeýle hem oba hojalyk paýdarlar jemgyýetleriniň we daýhan birleşikleriniň kärhanalary tarapyndan düzülýär.

30. Maşyn gurluşygy we metaly işläp bejeriji kärhanalar boýunça önümçilik kuwwatlyklarynyň balanslarynda önümleriň belli bir görnüşleriniň çykarylyşy boýunça maglumatlar bilen bir hatarda, ortaça ýyllyk lomaý nyrhlarda çykarylyşynyň umumy möçberi boýunça maglumatlar hem getirilýär.

31. Azyk senagatynyň önümleriniň aýratyn görnüşleri boýunça olaryň önümçiligi boýunça kuwwatlyklar «bir gije-gündüzde» ýa-da «bir çalşykda» (1-10 sütünler) kesgitlenilýän bolsa, hasabat ýylynda hereket eden ortaça ýyllyk kuwwatlyk (11 sütün) we önümiň çykarylyşy ýa-da gaýtadan işlenen çig malyň (12 sütün) sany bir ýyl boýunça tutuşlygyna getirilmeli. Meselem, ösümlik ýagyny öndürmek boýunça ýylyň başyna we ahyryna kuwwatlygyň barlygy we onuň ýylyň dowamynda üýtgemegi (1-10 sütünler) bir gije-gündüzde çig malyň gaýtadan işlenişiniň tonnasynda kesgitlenilýär, ortaça ýyllyk kuwwatlyk we önümiň

çykarylyşy (11 we 12 sütünler) bolsa bir ýylda çig malyň gaýtadan işlenişiniň möçberi boýunça getirilýär.

## 4. Hereket edýän kärhanalaryň (önümçilikleriň) önümçilik kuwwatlyklarynyň hasaplamasy

32. Kärhananyň önümçilik kuwwatlygy esasy önümçiligiň enjamlarynyň esasy sehleriň, meýdançalaryň, agregatlaryň, desgalaryň ýa-da toparlaryň kuwwatlyklary boýunça kesgitlenilýär. Esasylara esasy önümçiligiň esasy tehnologiki işleri alnyp barylýan taýýar önümleriň (ýarym taýýar önümleri) çykarlyşyny, çig malyň gazylyp alnyşyny we gaýtadan işlenilişini üpjün etmeklikde aýgytlaýjy ähmiýete eýe bolan sehler, meýdançalar, agregatlar we desgalar degişlidir.

Esasy sehleri, meýdançalary, agregatlary we desgalary saýlap almaklyk pudagyň (önümçiligiň) özboluşly aýratynlyklaryna baglylykda şu görkezijileriň esasynda amala aşyrylyp bilner: edilen işleriň möçberi (zähmeti köp talap edijilik, stanogy köp talap edijilik), tehnologiýa taýdan täzeden işlemeklik, esasy önümçilik gaznalarynyň we beýleki görkezijileriň gymmatlyklary.

Birnäçe esasy sehleriň, meýdançalaryň, agregatlaryň we desgalaryň barlygynda önümçiligiň ýapyk tapgyry bilen birmeňzeş önümi öndürmek boýunça kärhananyň önümçilik kuwwatlygy olaryň kuwwatlyklarynyň jemleri boýunça kesgitlenilýär.

Esasy önümçilik sehleriň, meýdançalaryň, agregatlaryň we desgalaryň sanawy, olardan esasylaryny görkezip, olarda önümiň her bir görnüşiniň çykarylyşy boýunça kuwwatlyklary kesgitlenilýän enjamlaryň toparlary ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan işlenilýär we tassyklanylýar.

33. Esasy önümçiligiň galan bölekleriniň hyzmat ediş üpjünçiligi esasy sehiň, meýdançanyň, agregatyň, desganyň ýa-da enjamlaryň toparlarynyň kuwwatlyklaryna deň ölçegli (baglanyşykly) bolmalydyr. Çäkli ýerler bar bolan ýagdaýynda, olar önümçilik kuwwatlyklaryň hasaplamasynda hasaba alynmaýarlar.

Çäkli ýer diýip, esasy we kömekçi önümçilikleriň hyzmat ediş üpjünçiligi kärhananyň önümçilik kuwwatlygy kesgitlenilýän esasy bölegiň kuwwatlygyna deň gelmeýän sehlerine, meýdançalaryna, agregatlaryna, desgalaryna ýa-da enjamlar toparlaryna düşünilýär.

34. Esasy sehleriň, meýdançalaryň, agregatlaryň we kärhanalaryň beýleki düzüm birlikleriniň goýberiş ukybynyň deň gelmegi baglanyşyk koeffisiýentini (Kb) hasaplamak ýoly bilen şu formula boýunça kesgitlenilýär:

$$K_B = \frac{K_1}{K_2 \times Ç_U},$$

bu ýerde, $K_1$, $K_2$ - kabul edilen ölçeg birliklerinde, aralarynda baglanyşyk koeffisiýenti kesgitlenilýän sehleriň, uçastoklaryň, agregatlaryň kuwwatlygy;

$Ç_U$ - ikinji sehiň önümini öndürmek üçin birinji sehiň önüminiň udel çykdajysy.

Kömekçi sehleriň, meýdançalaryň we hojalyklaryň goýberiş ukyby önümleriň toplum sanyndan ugur alyp, önümleriň ölçeg birliklerinde öndürilen taýýar önümiň bir birligine düşýän, çig malyň, ýarym taýýar önümleriň, elektrik energiýanyň, buguň udel çykdajysyndan ugur alyp kesgitlenilýär.

35. Kärhananyň önümçilik kuwwatlygy progressiw möçberler we normatiwler ýa-da kärhanada olara ýetilmeýän ýagdaýynda taslama (pasport) görkezijiler boýunça hasaplanylýar.

Enjamyň işiniň normatiw ýyllyk wagt gaznasy üçin «Enjamlaryň we işçileriň işleriniň wagt gaznasy» tehnologiki meýilnamalaşdyrylyşyň pudaklaýyn normalary bilen kesgitlenilen enjamyň işiniň netijeli (hakyky) ýyllyk wagt gaznasy kabul edilýär.

36. Enjamlary, agregatlary we desgalary abatlamak üçin wagt we abatlamaklygyň aralygynyň döwürleriniň dowamlylygy enjamyň hatardan çykyş derejesini we tehniki ýagdaýyny hasaba alyp, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan tassyklanylan kadalar boýunça kesgitlenilýär. Bu kadalar senagatyň bu pudagynda ýetilen görkezijilerden ugur alyp, döwürleýin anyklanylýar. Arasy üzülmeýän iş önümçilikli kärhanada abatlamaklygyň aralygynyň döwürleriniň dowamlylygy bir ýyldan artyk bolan enjamlaryň, agregatlaryň we desgalaryň düýpli abatlaýyş işlerini geçirmek üçin wagt abatlaýyş işleri amala aşyryljak ýylda hasaba alynýar. Möwsümleýin häsiýetli önümçilikli kärhanalarda kuwwatlyk kesgitlenende düýpli abatlaýyş işleri üçin wagt hasaba alynmaýar.

Çig malyň, materiallaryň, ýarym taýýar önümleriň, ýangyjyň, energiýanyň, işçi güýjüniň ýetmezçiligi bilen ýa-da guramaçylyk –

tehniki kemçilikler sebäpli enjamlaryň durmaklygy, şeýle hem kemçilikli önümiň çykarylyşy ýa-da düzedilişi bilen baglanyşykly wagtyň ýitirilmegi önümçilik kuwwatlyk hasaplananda hasaba alynmaýar.

37. Arasy bölünip işlenilýän önümçilik kärhanalarynda önümçilik kuwwatlygynyň hasaplamasynda kabul edilen enjamyň ulanylyş derejesine baha bermek üçin onuň işiniň nobat çalyşyklygynyň koeffisiýenti ($K_Ç$) şu formula bilen hasaplanylýar

$$K_Ç = \frac{Z_{KK}}{N_{DD} \; x \; G_N},$$

bu ýerde, $Z_{KK}$ - kärhananyň kesgitlenen önümçilik kuwwatlygyna gabat gelýän (stanoksagat) önümiň zähmeti köp talap edijiligi; önümçilik kuwwatlygynyň hasaplamasynda kabul edilen önümiň birligine we önümiň sanyna zähmeti köp talap edijilik möçberlerinden ugur alyp kesgitlenilýär;

$N_{DD}$ - dikeldilen esasy tehnologiki enjamyň ortaça sanaw düzümi; ýylyň dowamynda goşmaça dikeldilen we hasapdan çykýan enjamlary hasaba alyp, her ýylyň 1-nji ýanwaryna dikeldilen enjam boýunça kesgitlenilýär;

$G_N$ - bir iş çalşygynda (sagatda) enjam birliginiň işiniň wagtynyň normatiw ýyllyk gaznasy.

Kärhanalar (önümçilikler) üçin enjamyň işiniň çalşygynyň normatiw (taslama) koeffisiýentleri ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan bu pudagyň meňzeş önümçilikleriniň gurluşygy üçin taslamalarda kabul edilen derejede kesgitlenilýär.

38. Hasabat ýyly we maglumat berilýän döwür üçin kärhananyň önümçilik kuwwatlygy şularyň hasabyna onuň artyşyny hasaba alyp hasaplanylýar: täzeden tehniki taýdan enjamlaşdyrylyş (guramaçylyk-tehniki çäreleriň geçirilmegini goşup) we durkuny täzelemeklik; täze gurluşyklaryň we hereket edýän kärhanalaryň giňeldilmeginiň hasabyna täze kuwwatlyklaryň ulanylmaga berilmegi; enjamyň hatardan çykmagynyň, peýdaly gazylyp alynýan ätiýaçlyklaryň we çig mal baýlyklarynyň gutarmagynyň, dag-geologiki ýagdaýlaryň pese düşmekliginiň, çig malyň beýleki görnüşlerine geçilmeginiň, binalaryň we desgalaryň çagşamagynyň, beýleki kärhanalara bellenilen tertipde esasy gaznalaryň berilmeginiň, tebigy betbagtçylygyň netijesinde kuwwatlyklaryň çykmagy.

Kärhananyň iş düzgünini gowulandyrmakda, önümiň zähmeti köp talap edijiligini peseltmekde we beýleki ýagdaýlarda hasaba alynýan enjamyň düzüminiň hiliniň we sanynyň üýtgemegine esaslanýan (hasabat ýylynda maglumat berlen) geçirilmeli çärelerden ugur alnyp, önümleriň aýry-aýry görnüşleriniň öndürilişi boýunça önümçilik kuwwatlygynyň artyşy her kärhana boýunça kesgitlenilýär. Şonda maglumatlara we hasabatlara özleşdirilmegiň derejesinde bolan kärhananyň taslama kuwwatlygy bilen bagly ýetilen çäreler goşulmaýar.

Köpsanawly önümçilik üçin kärhananyň önümçilik kuwwatlygy hasaplananda maglumat berilýän (hasabat) döwürde önümiň sanawynyň we köpdürliliginiň üýtgemegi netijesinde zähmeti köp talap edýän önümleriň peselmegi (köpelmegi) hem hasaba alynýar.

**Senagatyň statistikasy we seljerişi müdirligi**